Biziň ýurtlarymyzyň halklaryny gözbaşyny asyrlardan alyp gaýdýan dost-doganlyk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary, birek-biregi goldamak däpleri, taryhy-medeni, ruhy gymmatlyklaryň umumylygy birleşdirýär. Munuň özi häzirki döwürde ikitaraplaýyn, köptaraplaýyn görnüşde netijeli hyzmatdaşlyk üçin ygtybarly binýat bolup hyzmat edip, sebit we sebitara hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna hem şert döredýär. Şunuň bilen baglylykda, Hazaryň türkmen kenarynda geçirilen ýokary derejedäki üçtaraplaýyn duşuşyk taryhy ähmiýetli waka boldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň iki goňşy döwletiň Baştutanlary bilen geçiren gepleşikleriniň gün tertibi hyzmatdaşlygyň dürli ugurlaryny öz içine aldy. Gahryman Arkadagymyzyň nygtaýşy ýaly, häzirki wagtda Türkmenistan, Azerbaýjan we Özbegistan syýasy-diplomatik ulgamda özara gatnaşyklaryň ýokary nusgasyny görkezýärler. Biziň ýurtlarymyz iri halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň, Goşulyşmazlyk Hereketiniň, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Türki Döwletleriň Guramasynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, beýleki halkara düzümleriň çäklerinde üstünlikli we netijeli hyzmatdaşlyk edýärler. Munuň özi sebit we ählumumy derejede parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmäge saldamly goşant goşýar.

Soňky döwürde dürli ugurlarda, şol sanda söwda-ykdysady ulgamda hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin üç ýurt tarapyndan uly tagallalar edildi. Şunda energetika, ulag, senagat, oba hojalygy, maýa goýumlar, sanly we öňdebaryjy tehnologiýalar, ekologiýa, daşky gurşawy goramak ýaly ugurlarda tagallalaryň netijeli utgaşdyrylmagyna uly üns berilýär. Üçtaraplaýyn duşuşygyň dowamynda, hususan-da, ägirt uly mümkinçilikler bolan energetika ulgamynda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň möhümdigi bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň, Özbegistanyň bu ulgamda hyzmatdaşlygy giňeltmäge we energiýa geçirijileriň täze eksport ugurlaryny döretmäge uly goşant goşýandygyny belledi. Şunda üç ýurduň energiýa serişdelerine bolan isleglerini üpjün etjek we milli energetika ulgamlary üçin ygtybarly gory döretjek hyzmatdaşlygyň ygtybarly hem durnukly nusgasyny kemala getirmegiň wajypdygy nygtaldy. Bu strategik ugurda hyzmatdaşlyk boýunça anyk başlangyçlary öňe sürmek bilen, Türkmenistan olary durmuşa geçirmek boýunça anyk ädimleri ädýär we gyzyklanma bildirýän daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen has netijeli hyzmatdaşlyk etmäge çalyşýar.

Elektroenergetika pudagynda netijeli hyzmatdaşlyk üçin uly mümkinçilikleriň bardygyna üns çekildi. Hormatly Arkadagymyz türkmen elektrik energiýasynyň Özbegistan Respublikasyna iberilmegini muňa anyk mysal hökmünde görkezdi. Türkmenistanyň bu pudakdaky häzirki kuwwatlyklary elektrik energiýasynyň eksportynyň çägini giňeltmek üçin mümkinçilikleri

Все права защищены

döredýär. Şunuň bilen baglylykda, ony Azerbaýjana eksport etmegiň geljeginiň bardygy bellenildi. Hazaryň türkmen kenarynda kuwwatlylygy 1 müň 574 megawat bolan täze elektrik stansiýasynyň işe girizilmegi bilen, türkmen elektrik energiýasyny Azerbaýjana we onuň çägi arkaly Ýewropa ýurtlaryna ibermek üçin goşmaça mümkinçilikler dörär. Şunuň bilen bir hatarda, Türkmenistandan Azerbaýjana we Özbegistana mawy ýangyjyň eksporty bilen baglanyşykly gaz pudagyndaky hyzmatdaşlygyň meselelerine seretmegiň wajypdygyna üns çekildi.

**Şageldi HUDAÝBERDIÝEW**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy**

Все права защищены